# Saud jemgyýetinde dindarlyk peseldimi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saud jemgyýetinde dindarlyk peseldimi? SAUD JEMGYÝETINDE DINDARLYK PESELDIMI?




*Saud ýolbaşçylygy uly jogapkärçiligi boýnuna aldy, duşmanlarynyñ hüjümlerine döş gerdi, agyr päsgelçilikleriñ birnäçesini ýolundan sowdy.*
*Riýad, Saud Arabystany / Fotosurat: Reuters*
Saud Arabystany soñky ýyllarda ýurdy başga sebitlere ýetiren oñyn üýtgeşmeleri başdan geçirdi.
Muña garamazdan radikallar awularyny pürküp dur we ýygy-ýygydan bu uly üýtgeşmeler we ýazylganlyk tolkuny sebäpli saud jemgyýetinde dindarlygyñ peselýändigi hakda gep-gürrüñ ýaýradýarlar.
Şeýle gümanly pikirleri ýaýratmak üçinem her bir konserti, kinofilmleriñ görkezilişini, sport ýaryşlaryny bahana edýärler.
Eýse, bu dogrumy? Jemgyýetiñ çyndanam öñkä garanda dindarlygy pesmi?

Aslynda düýbünden tersine: Jemgyýet has dindarlaşdy we has az radikallaşdy.
Biziñ göz öñüne tutýan dindarlygymyz bilen radikallaryñ göz öñüne tutýan dindarlygy düýbünden tapawutly.
Radikallaryñ dindarlyk diýilse, düşünýän zady – ýeke-täk konserwatiw düşündiriş formasynyñ mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda, metjitlerde, jemgyýetçilik durmuşynda we hatda aýal-gyzlara girmek gadagan edilen stadionlarda adamlara zor bilen kabul etdirilmegidir.
Zol awusyny pürkesi gelip durlar, çünki olara giñ ygtyýarlyklaryñ we jemgyýetiñ üstünde ýiti täsir bagyş eden bu dindarlyk, ýagny, olaryñ añlaýşyça konserwatiwlik soñky ýyllarda kem-kemden ýok boldy.
Her konserwatiwlikleri artan gezeginde meşhurlyklary bilen batyrgaýlyklary-da artdy. Bu konserwatiwlik aradan aýrylansoñ tebigy taýdan täsirleri peseldi, jemgyýetçilik ulgamyndaky güýçleri azaldy we önden bäri ekranlara çykyp, agressiw çykyşlary edýän we nämäniñ-nämedigini bilip duranlara garşy küşgürýän ýyldyzam bolsalar, häzir adamlaryñ gyzyksyz bolup galdylar.
Hawa, dogram aýdýarlar. Olaryñ göz öñüne tutýan dindarlygy saudlaryñ arasynda mazaly peseldi we muña garşylyklaýyn yslamyñ hakyky ruhuna has ýakyn hakyky dindarlyk artdy.
Munuñ özi taliban stilinde pikir galybyny basyş we zorluk bilen boýnuña dakmazdan, şahslaryñ gymmatlygyna we saýlap alan ynanjyna hormat goýýan ruhdyr.
Hawa, şunuñ ýaly dindarlyk Saud Arabystanynda güýçlendi. Şeýlelikde, häzir diniñ çuññur özeniniñ gözel ahlak, medeni ruh, hoşniýetlilik bilen añladylýandygyna düşünýän dürli-dürli, köptaraply we tapawutly jemgyýet görýäris.
Saud jemgyýeti indi dürli ýurtlardan, milletlerden, dinlerden bolan köp sanly adama gujak açýar we bular parahat durmuşda bir ýerde ýaşaýarlar.
Radikallaryñ dindarlygy ikiýüzlüligiñ derejesini güýçlendirýär. Şonsuzam adamlar ýeke-täk modele uýgunlaşmak üçin hakyky ýüzlerini gizleýärler.
Saudlaryñ dindarlygy artandan soñ bu faktor peseldi, çünki

adam ynanmadyk zadyna ynanýan kişi bolmaga mejbur bolanok, jemgyýetiñ içindäki köpdürlüligiñ we şahsyýetiñ güýjüniñ syryda şunda.
Içinden böleklenen, çüýrän we içinde ýok zady bar ýaly edip görkezýän jemgyýet hiç haçan ösübem bilmez, oñly medeniýeti-de bolmaz.
Radikallaryñ dindarlygy – adamkärçilikli gymmatlyklaryñ ýok edilmegi diýmekdir. Aýal-gyzlaryñ görülmeýän jandarlar ýaly jemgyýetden çetleşdirilmeginde muña görnetin şaýat bolduk.
Saudlaryñ artýan dindarlygy bolsa, düýbünden tersine: aýalyñ özbaşdak güzeranyny dolamagy we şahsyýetini kemala getirmegi üçin ýardam berýär. Öñ gadagan edilen gaty köp ugurda indi saudly zenan ilçileri, futbolçylary, aşpezleri we işçileri görýäris.
Saud zenanynyñ jemgyýetdäki ornuny we gymmatyny nähili gaýdyp alandygynu görmek hem iñ gowy manzaralardan bolsa gerek. Öñ mähremi bilen ýola çykmak hökmany talap bolan bolsa, indi giriş-çykyşda siziñ pasportyñyza möhür basýan işgäre öwrüldi.
Saud Arabysyany indi başga ýurtlaryñ raýatlarynyñ kinofilme tomaşa etmek, konsertlere ýa-da kitap sergilerine gatnaşmak üçin gelýän gaçybatalgasyna öwrüldi.
Ýogsam bolmasa, bular öñ degişli kanunlar arkaly gadagan edilen zatlardy. Şular ýaly ýeñilllikler döredilensoñ, adam özüni hasam ýeñil duýýar.
Saud Arabystany indi şahsy azatlyklaryñ sepleşýän ýeri adamyñ haýsydyr bir çäklendirme ýa gysyş bolmazdan bagtyýarlygyny tapýan ýurdy.
Medeni dindarlyk bilen sungatyñ, döredijiligiñ we el-Ulanyñ dünýä paýtagtlaryndan birine öwrülen antik eserleri görmäge gelýänleriñ arasynda hiç hili çaprazlyk ýok.
Emma bu ýagdaý Saud Arabystanynyñ ýapyk we yzagalak ýer bolup galmagyby isleýän ekstremistleriñ göwnüne ýaramaýar we muña garşy söweş yglan edýärler.
Saud Arabystany indi ähli dinleri, medeniýetleri, milletleri we etniki toparlary gujagyna sygdyrýar. Şunuñ ýaly ähli deñsiz-taýsyz köpdürlüligiñ entek ýetmeli sepgitleriniñ bardygy onuñ meýilleşdirýän indiki maksatnamalaryndanam belli

bolýar.
Saud ýolbaşçylygy uly jogapkärçiligi boýnuna aldy, duşmanlarynyñ hüjümlerine döş gerdi, agyr päsgelçilikleriñ birnäçesini ýolundan sowdy.
Hakyky medeni dindarlaryñ janlanmagynda görýän zadymyzam şol batyrgaý ädimleriñ miwesidir.
Ekstremizme garşy göreşdi we muny öz peýdasyn halk bilen ýakynlaşmagyñ guralyna öwürmedi. Diñe şunuñ özem belläp geçmeli bir aýratynlyk.
Şonuñ üçinem agressiw ýygynçaklar we radikalizmiñ tarapdarlary oña hüjüm edýär, onuñ abraýyny garalamaga synanyşyp, dogry ýoldan azaşmakdan aýyplaýar. Emma ýagdaý munuñ düýbünden tersine…

Memduh MUHEÝNI,
«Al Arabiya» telekanalynyñ başlygy.

Şenbe, 02.09.2023 ý. Publisistika